# Russiýa hassahanalary bombalamaga dowam edýär

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
Russiýa hassahanalary bombalamaga dowam edýär RUSSIÝA HASSAHANALARY BOMBALAMAGA DOWAM EDÝÄR

Russiýa ýene-de ençeme hassahanalary bombalap partlatdy. Russiýa ençeme gün bäri yzygiderli hassahanalary nyşana alýar. Russiýanyň raketa atan bir hassahanasynda 1 çaga öldi. Lukman : «Düýn 3 çagamyz hassa hökmünde getirildi. Gynansakda bir gyz çagany halas edip bilmedik» diýdi. Russiýa «adamlary öldürmeýäris» diýipdi, ýolda gelýän bir maşynyň öňüne 2 sany roketa düşdi. Aşagyndaky adamlar gorkup gaçdylar. Maşyndaky sürüji «Russiýa adamlary öldüremzok diýýär, onda bu näme?» diýdi. Çozuşlar Polşa serhedine çenli ýetdi. Polşa serhedindäki NATO degişli merkeze 30 roketa atyldy, 9 kişi öldi. Ýanyndaky taýynlyk merkezine atylan roketalarda 35 kişi jan berdi. Hassahanalardan soň myhmanhanalar hem bombalandy. Harkow şäheri edil jähenneme öwrüldi. Ýagan bombalar sebäpli abat bina görmek kyn. Harkowdaky ýene bir bina bomba düşdi. 17 kişi ýaralandy 3 kişi öldi. Pytran zatlary işgärler ýygnady. Kiýewiň ýanyndaky bir şähere 6 roketa atyldy. Atylan roketalaryň biri Ukrainaly halkyň üstünden geçip gitdi. Russiýa ybadathanalary hem bombalady. Ybadathanada çokunan kişiler bomba sesleri sebäpli aljyradylar.
Zelenskiý Russiýanyň bu hereketlerini terrorçy topar IŞID-e meňzetdi. IŞID öňler ybadathanalary bombalap, müňlerçe günäsiz kişini öldüripdi.
Russiýa 3500 harby merkeziň ýarylandygyny duýurdy. Harkowda bir rus uçary düşürildi. IHA-lar rus goşununyna degişli roketa atýan harby maşynlary ýokardan bombalady. Zelenskiý «Ruslar taryhynyň iň uly ýeňlişine sezewar boldular. Bu ýere 1 million rus getirseňizem alyp bilmersiňiz» diýdi. Muny diýmeginiň sebäbi Russiýa Ukrainany 4 günde almana synanyşypdy. Zelenskiý

ýene-de ylalaşyga taýyndygyny bildirdi.

- **Sanksiýa yglan edenler**

Italiýa ýene-de bir rus oligarhyň 530 millionlyk emlägini sanksiýa yglan edip aldyrdy. Iň soňky gezek McDonald’s we Coca-Cola şereketleri Russiýadan çekilendiklerini bildirdiler. PepsiCo, «Ukrainadaky gorkunç wakalar» sebäpli Pepsi kompaniýasyny saklady. PepsiCo-nyň Russiýada 20 müň işleşýäni bardy. Gollandiýaly firma Heineken hem Russiýadan çekildi. Dünýäniň iň uly aýdym kompaniýasy Universal Music Group hem ýurtdaky işlerini duzurdy we dükanlaryny ýapdy.

Warner Bros Russiýada täze filmleriň tomaşa edilmegini gadagan etdi. Ençeme wagt bäri garaşylan Batman filmi rus kinoteatrlarynda görkezilmeýär.

Disney we Sony, bulardan soňam Turning Red, animasiýa filmi Morbius we Marvel Russiýadaky işlerini ýapdy.

Netflix bolsa Russiýada «geljekdäki hemme işlerini» duzurandygyny bildirdi. Google hem Google Pay programmasyny duzurdy. Tehnologiýanyň iň uly merkezi Microsoft hem Russiýa sanksiýa yglan etdi. Microsoft programmalary Windows App-dan aýyrjagyny bildirdi. Munyň bilenem durman Russiýa degişli reklamalary pozdy. Google RT we ş.m rus mediýalarynyň YouTube-dan we programmalardan pul gazanmagyny gadagan etdi. Ençeme rus dükanlary bolan Ispaniýa merkezli şereket Inditex hem Russiýadaky 502 dükanyny ýapýar. Dükanyň ýapylmagy Russiýadaky 9000 kişiniň işsiz galmagyna sebäp boldy. Ikea hem Russiýadaky 17 dükanyny ýapýar.

Moda merkezi H&M hem Russiýadaky satyşlaryny duzurdy. Firma Ukrainadaky wakalara gaty gynanýandyklaryny we olaryň ýanyndadygyny bildirdi. H&M, 2021-nji ýylda Russiýanyň iň uly altynjy firmasydy we ýurdunda 150 dükany bar.

ABŞ-ly Nike hem Russiýadaky satyşlary saklaýar. Burberry we Chanel hem şol karary aldylar. Dünýäniň iň uly firmalaryndan biri bolan Fransiýaly L’Oreal hem Russiýadaky işlerini saklady. Michael Kors, DKNY, Clinique we Bobbi Brown şereketleriniň eýesi Estee Lauder hem işlerini saklady.

Maşyn firmalaryndan hem Russiýa uly zarba degdi. Jaguar Land Rover, General Motors, Aston Martin we Rolls-Royce ýaly firmalar, Russiýa maşyn tabşyrmajakdyklaryny bildirdi. German Daimler Truck Holding we Harley Davidson hem Russiýadaky işlerini saklady. Volkswagen we Volvo hem maşyn tabşyrmajakdygyny duýurdylar. Munyň bilen ABŞ merkezli howa şereketi Boeing, Russiýadaky dükanlar bilen gatnaşyklarynyň gutarandygyny duýurdy.
Töleg merkezleri Visa, Mastercard, American Express we Paypal, Ukraina çozuş sebäpli Russiýadan çekilýär.
Firmalaryň hemmesi bu zatlary «Ukrainadaky ynsanlyk krizisi we basybalyjylykly hereket» sebäpli etdi.

- **Ýalan habarlar**

Uruşyň başlamagy bilen mediýada müňlerçe ýalan habarlar köpelýär. Russiýa mediýa güýjüni iň soňky derejesine çenli ulanýar. Russiýa mediýalarynyň käbirlerinde «uruş bolanok» şeklinde habarlary hem görmek bolýar. Ýöne BBC bu zatlaryň hemmesini subutnamalary bilen ýalandygyny görkezdi. Facebook mediýasyna bir wideo goýuldy. Wideodaky kişiler eşiklerine gana meňzeş zatlar çalyp oýun oýnaýar. Wideodaky kişiler çyndanam artist eken, ýöne Ukraina çozuşy bilen hiç bir baglanşyklary ýok. Olar 2020-nji ýylda Ukrainada düşürilen Contamin atly esere degişli.
Russiýa mediýasynda paýlaşylan ýene bir habar bolsa bir habarçynyň arkasyndaky jeset torbalarynyň hereket edýänligi. Bu habar bilen aslynda ol ýerde urşyň alnyp barylmaýandygyny görkezmäne synanyşypdyrlar. Aslynda bu dogry däl, wideo Awstriýada öň düşürilen eken. Wideo bir tebigat protestine degişli we jeset torbalarynda protestçiler bar. Russiýa mediýasynda ýene şeýle müňlerçe habarlar we resminamalar bar. Russiýa mediýasynda görkezilen öňki bir wideoda Siriýaly jihatçylar rus merkezini uçar bilen bombalaýar. Aslynda bolsa ol wideonyň uruşly 3D şekilli oýuna degişlidigi bilindi.

- **Ynsanlyk dramasy dowam edýär**

Ukrainalylaryň uruşdan gaçyşy dowam edýär. Ençeme kişi rus raketalaryndan halas bolmak üçin ýurtlaryny terk etdiler. Gidenleriň umuman hemmesi diýen ýaly aýal we çagalar. Esgerler ýykylan köprülerden adamlary geçirdiler. Ýewropa geçmek isleýän Ukrainalylar Polşa serhedinde nobata düzüldiler. Rumyniýa gidenler hem gaty köp. Bir Ukrainaly aýal aglap: «Hiç kim beýle gorkunç zada garaşmandy. 4 tarapymyzy bombalaýarlar» diýdi.
Jemi 2.5 million kişi ýurduny terk etdi. Aýallar ärlerinden, çagalar enelerinden aýryldy. Ençeme kişi Türke göçdi. Türk awtobus sürüjileri müňlerçe Ukrainalylary alyp ýurduna äkeldiler. Bir sürüji bombalardan gaçan 3 gyz çagajygy Türkiýedäki ejesine getirip berdi. Ejesi çagalaryny gujaklap aglady. Millionlarça maşgala dagady.

Muhammetnazar BAKYÝEW. Publisistika